# Annatagan Nurgeldiýew

Category:
Degişmeler,Hekaýalar,Kitapcy,Powestler,Romanlar,Söhbetdeşlik,Türkmen dili,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 22 января, 2025
Annatagan Nurgeldiýew ANNATATAN NURGELDIÝEW

Annatagan Nurgeldiýew, belli türkmen ýazyjysy, şahyr, mirasgär, pedagog, jemgyýetçilik işgäri.

Annatagan Nurgeldiýew 1946-njy ýylyň 23-nji noýabrynda Balkan welaýatynyň Esenguly etrabynyň Madaw obasynda dünýä indi. Ol 11 ýyllyk oba mekdebi tamamlandan soň ýokary bilim aldy we oba mekdebinde türkmen dili we edebiýaty dersinden okatdy, soňra şol mekdepde direktor boldy.
Türkmenistan garaşsyzlygyny alandan soňky ýyllarda birnäçe ýyllap oba arçyny bolan Annatagan Nurgeldiýew soňra Balkan welaýatynyň oba ilatyny agyz suwy bilen üpjün edýän edaranyň başlygy bolup işledi.
Döredijilik dünýäsine baryp mekdep okuwçysyka başlan Annatagan Nurgeldiýewiň «Wesýetli nazar» atly ilkinji goşgusy heniz 7-nji klasda okap ýörkä «Mydam taýýar» gazetinde çap boldy.
Dürli ýyllarda ululy-kiçili «Bäş käkilik», «Gaplaň çagasy», «Bedew takdyry», «Azat bilen atasy», «Gara biý», «Baýram han» ýaly kitaplary neşir edildi we ol kitaplaryň hemmesi hem okyjylar köpçüligi tarapyndan gyzgyn garşylandy, gowy baha berildi.
Annatagan Nurgeldiýew detektiw žanrynda-da eserleri döretdi. «Günäsiz günäkär», «Sygan», «Töwekgelçilik»… ýaly detektiw powestler onuň galamyndan çykan şowly eserlerdir.
Ömrüniň soňky ýyllaryna çenli öndümli işlän ýazyjynyň «Balkan», «Watan», «Edebiýat we sungat», «Garagum» ýaly gazet-žurnallarda powestdir hekaýalary we taryhy şahsyýetlere bagyşlanan oçerkleri, halk döredijiliginden dürli žanrlaryndan toplan nusgalary yzygiderli çap edildi.
Döredijilik işini türkmen taryhy bilen baglanyşdyran

watanperwer ýazyjy «Baýram han», «Aba serdar», «Çarhypelek» ýaly taryhy romanlary türkmen edebiýatyna miras goýup gitdi. Annatagan Nurgeldiýew 2006-njy ýylyň 23-nji dekabrynda aradan çykdy.

■ Kitaplary:

1). Baýram Han (roman), «Ruh» neşirýaty, Aşgabat-1995 ý;
2). Bedew takdyry (powestler we hekaýalar), «Magaryf» neşirýaty, Aşgabat-1988 ý;
3). Gara-Biý (hekaýalar we powestler), «Gözýetim» neşirýaty, Aşgabat-1993 ý;
4). Gaplaň çagasy (powestler), «Magaryf» neşirýaty, Aşgabat-1984 ý;
5). Bäş käkilik (çagalar üçin hekaýalar), «Magaryf» neşirýaty, Aşgabat-1982 ý;
6). Azat bilen atasy (mekdep ýaşyna ýetmedik çagalar üçin hekaýalar), «Magaryf» neşirýaty, Aşgabat-1991 ý.

■ Gazet-žurnallarda çykan käbir eserlerinden:

1). Diýar (hekaýa), «Edebiýat we Sungat»gazetiniň 19.02.1999-njy ýyldaky sany;
2). Türkmen häsiýeti (makala), «Edebiýat we Sungat»gazetiniň 01.10.1999-njy ýyldaky sany;
3). Araçäk (hekaýa), «Edebiýat we Sungat»gazetiniň 22.10.1999-njy ýyldaky sany;
4). Esger (hekaýa) «Edebiýat we Sungat»gazetiniň 05.05.2000-nji ýyldaky sany;
5). Peder (hekaýa), «Edebiýat we Sungat»gazetiniň 1999-njy ýyldaky sany;
6). Yşk serbedi (hekaýa), «Edebiýat we Sungat», 2005;
7). Sygan (detektiw powest), «Balkan» gazeti, 1994-nji ýyldaky sanlary;
8). Töwekgelçilik (detektiw powest), «Balkan» gazeti, 1994-nji ýyldaky sanlary we başgalar…

■ Hakynda ýazylanlar:

1). A.Maýew «…Ýanyp-ýanybam ýazmak bolar» (söhbetdeşlik), «Balkan» gazeti», 15.10.1992-nji ýyldaky sany.

■ www.kitapcy.ga saýtynda berilen eserleri:

1). Baýram han / romandan bölek;
2). Işine jür kişi / hekaýa;
3). Dorgunan / hekaýa;
4). Peder / hekaýa;
5). Söýgi şerbeti / rubagylar;
6). Öwgi / satiriki hekaýa;
7). Hojamyrat pälwan / taryhy oçerk;
8). Madaw degişmeleri;
9). Maşatguly batyr / taryhy oçerk;
10). Yşk şerbeti / taryhy hekaýa;
11). Musa han / taryhy hekaýa;
12). Gyzyl balyk / hekaýa;
13). Aw / hekaýa;
14). Ar / hekaýa;
15). Bürgüt / hekaýa;
16). Muña ykbal diýerler / hekaýa;
17). Goja / hekaýa;
18). Ak derek / hekaýa;
19). Lukmanym meniñ/ hekaýa;
20). Gülýaka / taryhy hekaýa;
21). Gaýdyp gelmek / hekaýa;
22). Gelin / taryhy hekaýa;
23). Sülçi / detektiw hekaýa;
24). Ýol / hekaýa;
25). Dehistanly oglan / taryhy powest;
26). Şaguly ussa / taryhy oçerk. Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly